***Parahatçylyk — ynsan ömürleriniň, nesilleriň geljeginiň ygtybarly goragy. Parahatçylyk — gülläp ösüş. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň hem-de hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen ýurdumyzyň parahatçylyk söýüjilik, dost-doganlyk ýörelgeleri esasynda alyp barýan syýasaty dünýä bileleşiginiň giň goldawyna mynasyp bolýar. Şu jähetden, 2025-nji ýylyň dünýäde hem-de Türkmenistanda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilmegi aýratyn ähmiýete eýedir.***

Mälim bolşy ýaly, 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 69-njy mejlisinde 193 döwletiň biragyzdan goldamagynda «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnama ikinji gezek kabul edilip, türkmen Bitaraplygynyň häsiýetli aýratynlygy dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan çuňňur öwrenilmäge başlandy. 2016-njy ýylda kabul edilen Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň rejelenen görnüşiniň 2-nji maddasyna BMG-niň Baş Assambleýasynyň 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda hem-de 2015-nji ýylyň 3-nji iýunynda kabul eden Kararnamalarynyň esasy mazmuny girizildi. Şu ýylyň 21-nji martynda BMG-niň Baş Assambleýasynyň 79-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamanyň biragyzdan üçünji gezek kabul edilmegi bolsa Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň ýokary ähmiýetli taryhy wakasy boldy. Munuň özi ýurdumyzyň daşary syýasy ugrunda saýlap alan bitaraplyk nusgasynyň taryhy ähmiýetiniň uludygyny görkezýär.

Ýeri gelende, hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygynyň Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllyk ýubileý senesi bilen utgaşykly sazlaşyp, şu ýylyň halkara ähmiýetini has-da artdyrýandygyny bellemek gerek. Şunda ýurdumyzyň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly mynasybetli taýýarlan degişli Konsepsiýasynda göz öňünde tutulan milli we ählumumy derejedäki möhüm ähmiýetli çäreler üstünlikli durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamany 86 döwletiň awtordaş bolup çykyş etmeginde biragyzdan kabul etdi. Munuň özi Türkmenistanyň ählumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen işleriniň ykrar edilýändiginiň aýdyň güwäsine öwrüldi. Şunda türkmen halkynyň Milli Lideriniň ýiti zehininden, jöwher paýhasyndan dörän «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» atly ajaýyp goşgusynyň ähmiýeti aýratyn nygtaldy. Ýeri gelende bellesek, bu eser halkymyzyň asyrlaryň dowamynda gazanan tejribesini we kämil ynsanperwer ýörelgelerini, bütin dünýäde ykrar edilen «Dialog — parahatçylygyň kepili» atly filosofiýanyň çeper beýanyny özünde jemleýär. Mundan başga-da, Milli Liderimiziň «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy» kitaby, «Ýaşasyn parahat durmuş!», «Dowam bolsun!» atly goşgulary halkymyzyň buýsanjyny artdyrýar. Bu kämil eserler Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanymyzyň

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

parahatçylyk söýüjilikli syýasatyny açyp görkezýär.

Goý, ähli umumy abadançylygy üpjün etmek, dünýäde parahatçylyk taglymatyny dabaralandyrmak ugrunda taýsyz tagallalary edýän Milli Liderimiziň hem-de hormatly Prezidentimiziň janlary sag, belent başlary aman bolsun, beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

**Aýna SÄTGELDIÝEWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň uly mugallymy.**

Все права защищены